Saglyk ynsanyň bahasyna ýetip bolmajak baýlygydyr. Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizde sporta dostana gatnaşyklaryň ilçisi, halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşynyň möhüm şertleriniň biri hökmünde aýratyn ähmiýet berilýär. Sagdyn durmuş ýörelgeleriniň ykrar edilmegine, köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini we ýokary netijeli sporty ösdürmäge gönükdirilen bimöçber aladalaryň netijesinde, ýurdumyzda bedenterbiýe, sport geljegi uly ugurlaryň hatarynda kesgitlenilýär. Hormatly Prezidentimiziň adam saglygyny gorap saklamak barada durmuşa geçirýän işleriniň netijesinde bimöçber  alada edilýändigi, adam saglygynyň ýokary derejelerinde saklanýandygyna, ýaşlarymyzyň geljekde sagdyn bedenli, ylymly, bilimli, giň dünýägaraýyşly sagdyn bedenli sagdyn ruhly ýaşlary kemala getirmekde uly işler alnyp barylýar.

Diýarymyzda adam saglygyna çaga dünýä inen gününden başlanýar, şonuň ýaly-da häzirki wagtda çaga eneden dünýä inende sagdyn nesil kemala getirmek barada ene mähri hassahanalar açylyp ulanylmaga berilip, döwletimiz tarapyndan bimöçber aladalar edilýär. Häzirki wagtda hem Bütindünýä saglygy goraýyş federasiýasy tarapyndan yglan edilen bütindünýä  gigiýenasyny gorap saklamak barada dünýä ýüzünde ýüze çykan içki sowuklama keseli garşy göreşmek işleri alnyp barylýar. Biziň ýurdumyzda hem öýken sowuklama keseline garşy goranyş işleri alnyp barylýar. Saglygy goraýyş edaralarymyz tarapyndan keseliň öňüni alynyşy barada yzygiderli ýagdaýda birnäçe maglumatlar halkymyza ýetirilýär. Olardan esasy adamynyň özüne ýagny şahsy gigiýenasy şeýle-de bütindünýä gigiýenasyny gorap saklamak daşky gurşawymyzyň arassaçylygyny berjaý etmek her bir ynsanyň paýyna düşýär.

Türkmenistan milli saglygy goraýyş ulgamyny özgertdi we ösdürdi hem-de oňa ilatyň durmuş taýdan goraglylygy boýunça köp  maksatly ulgam derejesini berdi.Türkmenistan döwletimizde halkymyzyň saglygyny goramakda giň gerili işler durmuşa geçirilýär.Dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamy okgunly ösýär. Şäher we oba saglyk öýlerinde maşgala lukmançylygy ýörelgesi boýunça edilýän saglygy goraýyş hyzmatlary kämilleşdirildi. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň netijesinde ähli ýaşdaky raýatlaryň keselçilik görkezijisi peseldi.

Adamyň ýaşamagy üçin howanyň, suwuň, iýmitiň zerur bolşy ýaly, sagdyn ruhy gurşaw hem şahsyýetiň kemala gelmeginde iň zerur zatlaryň biridir. Bu gurşaw bolsa sagdyn ruhly adamlar tarapyndan döredilýär, sagdyn ruh bolsa adamda, ilkinji nobatda, sagdyn pikirleriň netijesinde döreýär. «Adam üçin durmuşda iň uly we iň esasy baýlyk näme?» diýlip soralanda, hemmämiziň «Saglyk» diýip jogap berjegimiz gümansyzdyr. Çünki, beden taýdan sagdyn bolmak sagdyn ýaşaýşyň gözbaşy bolup durýar.

Raýatlaryň saglygyny berkitmäge, sagdyn durmuş ýörelgelerini durmuşa geçirmäge dünýä

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

derejesinde örän uly üns berilýär. Bu biziň ýurdumyz babatda hem şeýledir. Saglyk ulgamyny ösdürmekde ýurdumyzda maksatnamalaýyn işler yzygiderli durmuşa geçirilýär. Halkymyzyň saglygyny goramak hem-de ilatymyzy ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary bilen üpjün etmek ugrunda amala aşyrylýan işler «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýänliginiň subutnamasy bolup durýar.

Ýurdumyzy sagdynlygyň hem ruhubelentligiň, ylym-bilimiň mekanyna öwren türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

**Şirin MURATOWA**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026